Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministriniň
2024-nji ýylyň 15-nji iýunynda çykaran 170-Ö belgili
**B U Ý R U G Y**

**«Galyndylaryň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň derejesi kesgitlenilýän ölçeg alamatlaryny (kriteriýalaryny) tassyklamak hakynda»**

2015-nji ýylyň 23-nji maýynda kabul edilen “Galyndylar hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 9-njy maddasynyň 31-nji bendini ýerine ýetirmek maksady bilen, **buýurýaryn**:

1. Galyndylaryň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň derejesi kesgitlenilýän ölçeg alamatlaryny (kriteriýalaryny) tassyklamaly (goşulýar).
2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministriniň orunbasary N.Jumaşow gözegçilik etmeli.

**Ministr** **Ç.Babanyýazow**

Türkmenistanyň Daşky gurşawy
goramak ministriniň
2024-nji ýylyň 15-nji iýunynda
çykaran 170-Ö belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

## Galyndylaryň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň derejesi kesgitlenilýän ölçeg alamatlary (kriteriýalary)

### I bap. Umumy düzgünler

1. Galyndylaryň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň derejesi kesgitlenilýän ölçeg alamatlary (kriteriýalary) (mundan beýläk – Galyndylaryň ýaramaz täsiriniň ölçeg alamatlary) “Galyndylar hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 9-njy maddasynyň 31-nji bendine laýyklykda işlenip taýýarlanyldy we galyndylaryň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň derejesi kesgitlenilýän ölçeg alamatlaryny (kriteriýalaryny) kesgitleýär.

2. Şu Galyndylaryň ýaramaz täsiriniň ölçeg alamatlarynyň maksatlary üçin aşakdaky düşünjeler ulanylýar:

1) galyndylar – düzüminden peýdaly häsiýetleri çykarylyp alnan, mundan beýläk gaýtadan ulanylmaga ýa-da ýerleşdirilmäge degişli bolan, belli bir önümi öndürmek üçin ýaramsyz maddalar (çig malyň görnüşleri);

2) galyndylaryň görnüşi – howplulyk klaslary boýunça galyndylary toparlara bölmegiň ulgamyna laýyklykda umumy alamatlary bolan galyndylar;

3) howply galyndylar – olaryň barlygy we (ýa-da) olar bilen iş salşylmagy adamyň janyna, saglygyna we daşky tebigy gurşawa howp salyp biljek galyndylar;

4) galyndylaryň howplulyk pasporty – galyndylaryň belli bir anyk görnüşi saklanylanda, daşalanda, gaýtadan ulanylanda, zyýansyzlandyrylanda ýa-da gömülende onuň howplulyk klasyny hökmany kesgitlemek bilen esasy fiziki-himiki häsiýetleri baradaky maglumaty özünde saklaýan resminama;

5) ygtyýarlandyrylan edara – Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi.

3. Galyndylaryň howplulyk klasy - galyndylaryň otnositel ekologiýa howpunyň derejesi bolup, ol howply galyndylaryň daşky gurşawa gönüden-göni ýa-da gytaklaýyn täsir eden wagty galyndynyň howplulygyny häsiýetlendirýän görkezijileriň anyk ululyklaryna laýyk gelýän hakyky mukdar görnüşinde beýan edilýär. Anyk bir galyndynyň howplulyk klasy hakynda maglumatlaryň bolmadyk ýagdaýynda, onuň klasyny hasaplama usuly ýa-da barlaghana usuly arkaly kesgitlenilýär.

4. Şu Galyndylaryň ýaramaz täsiriniň ölçeg alamatlarynyň kadalarynyň talaplary hojalyk galyndylary bilen iş salyşmak çygrynda işleri amala aşyrýan ýuridik we fiziki şahslar üçin hökmany bolup durýar.

5. Şu Galyndylaryň ýaramaz täsiriniň ölçeg alamatlarynyň kadalary radioaktiw galyndylaryna we saglygy goraýyşyň galyndylaryna degişli däldir.

## II bap. Galyndylaryň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň howplulyk derejesi

6. Ygtyýarlandyrylan edara tarapyndan bellenilýän ölçeg alamatlaryna laýyklykda, galyndylar daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň derejesine baglylykda bäş howplulyk klaslaryna (şu Galyndylaryň ýaramaz täsiriniň ölçeg alamatlaryna - 1-nji goşundy) bölünýärler:

1) I klas – adatdan daşary howply galyndylar;

2) II klas – ýokary howply galyndylar;

3) III klas – aram howply galyndylar;

4) IV klas – az howply galyndylar;

5) V klas – howpsuz galyndylar.

7. Galyndylaryň toparlary boýunça daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň howplulyk derejesi şu Galyndylaryň ýaramaz täsiriniň ölçeg alamatlary galyndylaryň howplulyk derejeleri boýunça “Galyndylaryň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň howplulyk derejesiniň ululyklarynda (K)” (şu Galyndylaryň ýaramaz täsiriniň ölçeg alamatlaryna - 2-nji goşundy) beýan edilýär hem-de düzüminden peýdaly häsiýetleri çykarylyp alnan, gaýtadan ulanylmaga ýa-da ýerleşdirilmäge degişli bolan belli bir önümi öndürmek üçin ýaramsyz maddalary (çig malyň görnüşlerini) emele getirýän maddalaryň

(mundan beýläk - galyndynyň düzüm bölegi) howplulyk derejeleriniň jemi boýunça kesgitlenilýär:

$$K = K1 + K2 + ... + Km$$

bu ýerde, K1, K2, ... Km - galyndylaryň aýry-aýry düzüm bölekleriniň daşky gurşaw üçin howplulyk derejesiniň görkezijileri;

m - galyndynyň düzüm böleginiň mukdary.

8. Galyndylaryň düzüm bölekleriniň sany we olaryň mukdarynyň düzümi galyndylar baradaky resminamalarda bellenilýär.

9. Galyndylaryň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň howplulyk derejesi (Ki) galyndynyň düzüm böleginiň konsentrasiýasynyň (Ci) galyndylaryň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň howplulyk derejesiniň koeffisiýentine (Wi) gatnaşygy hökmünde hasaplanylýar:

$$K_i = C_i/W_i,$$

bu ýerde:

$K_i$ – galyndynyň howplulyk derejesi;

$C_i$ – galyndynyň i-nji düzüm böleginiň konsentrasiýasy;

$W_i$ - galyndynyň i-nji düzüm böleginiň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň howplulyk derejesiniň koeffisiýenti (mg/kg).

10. Galyndynyň düzüm böleginiň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň howplulyk derejesiniň koeffisiýenti ($W_i$) galyndynyň düzüm böleginiň möçberine mukdar taýdan deň bolan görkeziji bolup, onuň ululygyndan pes bolanda, ol daşky gurşawa ýaramaz täsirini ýetirmeýär. Galyndylaryň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň howplulyk derejesiniň koeffisiýenti şertli mg/kg diýlip alynýar.

Galyndynyň düzüm böleginiň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň howplulyk derejesiniň koeffisiýenti ($W_i$) aşakdaky formulalaryň biri boýunça hasaplanylýar:

$$\lg W_i = 4 - 4 / Z_i ; \quad 1 < Z_i < 2 \text{ üçin;}$$
$$\lg W_i = Z_i; \quad 2 < Z_i < 4 \text{ üçin;}$$
$$\lg W_i = 2 + 4 / (6 - Z_i); \quad 4 < Z_i < 5 \text{ üçin,}$$

bu ýerde:

$Z_i = 4 X_i/3 - 1/3$

$X_i$ - galyndynyň düzüm böleginiň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň howplulyk derejesiniň otnositel görkezijisi.

Şunda, madda näçe howply bolsa, $W_i$ koeffisiýenti şonça-da pesdir. Galyndylaryň iň köp ýaýran düzüm bölekleri üçin koeffisiýentler ($W_i$) “Utuklaryň (ballaryň) ululyklarynyň ($b_{inf}$) maglumat üpjünçiliginiň görkezijisiniň üýtgeýän araçägine baglylygynda” (şu Galyndylaryň ýaramaz täsiriniň ölçeg alamatlaryna 3-nji goşundy) görkezilýär.

11. $W_i$-ni hasaplamak üçin ulanylýan görkezijileriň sanawyna galyndylaryň düzüm bölekleriniň howplulyk derejesiniň başlangyç görkezijileri barada maglumatlar girizilýär.

12. Maglumat üpjünçiliginiň görkezijisi bellenilen görkezijileriň mukdaryny (n) 12-ä (galyndylaryň düzüm bölekleriniň howplulyk derejesiniň iň ähmiýetli başlangyç görkezijileriniň mukdaryna) bölmek arkaly hasaplanylýar.

13. Bahalar maglumat üpjünçiliginiň görkezijisiniň üýtgemeginiň araçäklerine berilýär.

14. Galyndylaryň düzüm bölekleriniň howplulyk derejeleri boýunça galyndylaryň mukdar we hil häsiýetnamalaryň utuklarynyň (ballarynyň) jemini şol häsiýetnamalaryň sanyna bölmek arkaly galyndynyň düzüm böleginiň howplulyk derejesiniň otnositel görkezijisi (Xi) kesgitlenilýär:

$$X_i = \frac{(\sum_{j=1}^{n} B_j) + B_{inf}}{n+1}$$

bu ýerde:

$B_j$ - galyndynyň düzüm böleginiň howplulyk derejesiniň her bir baha berlen başlangyç görkezijisine laýyk gelýän bahanyň ululygy;

n - galyndynyň düzüm böleginiň howplulyk derejesine baha berlen başlangyç görkezijileriniň mukdary;

$B_{inf}$ - galyndynyň düzüm böleginiň howplulyk derejesiniň başlangyç görkezijiler ulgamynyň maglumat üpjünçiliginiň görkezijisine laýyk gelýän bahanyň ululygy.

15. Galyndynyň düzüm böleginiň howplulyk derejesiniň başlangyç görkezijileri olaryň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň howplulyk derejelerini häsiýetlendirýärler we “Galyndylaryň düzüm bölekleriniň howplulyk derejesiniň başlangyç görkezijileri” (şu Galyndylaryň ýaramaz täsiriniň ölçeg alamatlaryna 4-nji goşundy) görkezilýär.

16. Galyndynyň düzüm böleginiň howplulyk derejesiniň baha berlen başlangyç görkezijileriniň mukdaryny (n) 12-ä bölmek arkaly kesgitlenilýän maglumat üpjünçiliginiň görkezijisine laýyk gelýän utuklaryň (ballaryň) ululyklary “Utuklaryň (ballaryň) ululyklarynyň (binf) maglumat üpjünçiliginiň görkezijisiniň üýtgeýän araçägine baglylygyna” (şu Galyndylaryň ýaramaz täsiriniň ölçeg alamatlaryna - 3-nji goşundy) laýyklykda üýtgemeginiň araçäklerine degişlilikde bellenilýär.

Topraklaryň esasy görnüşlerindäki düzüminden artyk bolmadyk konsentrasiýalarda kislorod, azot, uglerod, fosfor, kükürt, kremniý, alýuminiý, demir, natriý, kaliý, kalsiý, magniý, titan ýaly himiki elementlerden ybarat bolan galyndylaryň düzüm bölekleri galyndynyň düzüm böleginiň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň howplulyk derejesiniň 4-e deň bolan otnositel görkezijisi ($X_i$) we galyndynyň düzüm böleginiň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň howplulyk derejesiniň 106 deň koeffisiýenti bolan galyndylaryň howpsuz düzüm böleklerine degişlidir.

17. Galyndylaryň tebigatda duş gelýän düzüm bölekleri bolan uglewodlar (kletçatka, krahmal we beýlekiler), beloklar, düzüminde azot saklaýan birleşmeler bolan tebigy gelip çykyşly organiki birleşmeler galyndylaryň howpsuz düzüm böleklerine degişlidir.

18. Galyndylaryň galan düzüm bölekleri üçin galyndynyň düzüm böleginiň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň howplulyk derejesi (Ki) ölçeglere, şu Galyndylaryň ýaramaz täsiriniň ölçeg alamatlarynyň altynjy – on ikinji böleklerine, şeýle hem “Galyndylaryň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň howplulyk derejesiniň ululyklarynda (K)” (şu Galyndylaryň ýaramaz täsiriniň ölçeg alamatlaryna - 2-nji goşundy) laýyklykda kesgitlenilýär.

19. Galyndylaryň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň howplulyk derejesiniň koeffisiýentiniň ululyklary (Wi) galyndylaryň giňden ýaýran düzüm bölekleri üçin ölçegler “Galyndylaryň aýry-aýry düzüm bölekleri üçin (Wi) galyndynyň düzüm böleginiň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň howplulyk derejesiniň koeffisiýentinde” (şu Galyndylaryň ýaramaz täsiriniň ölçeg alamatlaryna - 5-nji goşundy) görkezilýär.

## III bap. Gidrobiontlara zyýanly täsiriň bolmadyk ýagdaýynda, galyndydan suw çekdirmesini garmagyň esseligi

20. Gidrobiont - suw giňişliginde ýaşamaga uýgunlaşan organizmlerdir, olara balyklar, malýuskalar, bakteriýalar, wodorosli we beýlekiler degişlidir. Galyndylaryň howplulyk klasyny kesgitlemek üçin aşakdakylar ulanylýar:

1) ölçeg (1) - galyndynyň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň howplulyk derejesi (K);

2) ölçeg (2) - gidrobiontlara zyýanly täsiriň bolmadyk ýagdaýynda, galyndydan suw çekdirmesini (wytýažka) garmagyň esseligi (Kp).

21. Gidrobiontlara zyýanly täsiriň bolmadyk ýagdaýynda, galyndydan suw çekdirmesini garmagyň esseligiň kesgitlenilmeginiň aýratynlyklary galyndynyň we suwuň 1:10 köpçülikleýin gatnaşygynda biologik synaglaryň ulanylýan usulyýeti bilen kesgitlenýän suwy ulanmak bilen alnan galyndylardan suw çekdirmesiniň gidrobiontlaryna zäherleýji täsiri öwrenmeklige esaslanýar.

22. Gidrobiontlara zyýanly täsiriň bolmadyk ýagdaýynda, galyndydan suw çekdirmesini garmagyň esseligi synagdan geçen ölçeg usulyýetler (usullar) boýunça kesgitlenilýär.

23. Gidrobiontlara zyýanly täsiriň bolmadyk ýagdaýynda, galyndydan suw çekdirmesini garmagyň esseligi kesgitlenende, mysal üçin, 48 sagatda 10%-den köp bolmadyk Ceriodaphnia affinis leňňeçleriniň ölmegi boýunça (Garmagyň esseliginiň biologik barlagy, 24 sagatda 10%-den köp bolmadyk Ceriodaphnia dubia leňňeçleriniň ölmegi boýunça (Garmagyň esseliginiň biologik barlagy 10-24) ýa-da 96 sagatda 10%-den köp däl Daphnia magna Straus leňňeçleriniň ölmegi boýunça (Garmagyň esseliginiň biologik barlagy 10-96) we hlorofilliň fluoressensiýasynyň derejesiniň peselmegi hem-de 72 sagatda 20%-e Scenedesmus quadricauda suw otlarynyň öýjükleriniň mukdarynyň azalmagy boýunça (Garmagyň esseliginiň biologik barlagy 20-72) dürli ulgamlaýyn toparlardan azyndan iki sany synag desgasy (dafniýalar we infuzoriýalar, seriodafniýalar we bakteriýalar ýa-da suw otlary) ulanylýar.

Ahyrky netije hökmünde derňelýän galynda has ýokary duýgurlygy görkezýän synag desgasynda ýüze çykarylan howplulyk topary kabul edilýär.

24. Düzüminde köp mukdarda duz bolan galyndylardan suw çekdirmesi (derňelýän suw çekdirmesindäki gury galyndynyň düzümi 6 $g/dm^3$) derňelende, mysal üçin, 48 sagatda 10%-den köp bolmadyk Artemia salina leňňeçleriniň ölmegi (Garmagyň esseliginiň biologik barlagy 10-48) boýunça hem-de hlorofilliň fluoressensiýasynyň derejesiniň azalmagy boýunça we 72 sagatda Phaeodactylum tricomutum suw otlarynyň öýjükleriniň sanynyň 20%-e azalmagy boýunça (Garmagyň esseliginiň biologik barlagy 20-72) dürli ulgamlaýyn toparlardan bolan azyndan iki sany synag desgalary ulanylýar.

25. Galyndydan suw çekdirmesini garmagyň esseliginiň ululyklary "Galyndylardan suw çekdirmesini garmagyň esseliginiň ululyklarynda" (şu Galyndylaryň ýaramaz täsiriniň ölçeg alamatlaryna 6-njy goşundy) görkezilýär.

26. Kömri ýakmakdan galan kül, şlak we kül-şlak garyndylary görnüşindäki galyndylaryň, kömür gazyp almakdan we baýlaşdyrmakdan galan galyndylaryň we suw çekdirmesi düzüminde duzlaryň ýokary mukdarda bolmagy bilen häsiýetlendirilýän galyndylaryň howplulyk toparlaryny kesgitlemek üçin (derňelýän suw çekdirmesindäki gury galyndynyň düzümi 6 $g/dm^3$) ölçeg (2) ulanylýar.

27. Ölçeg (1) ulanmagyň esasynda galyndylaryň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň howplulyk derejesi (K) V klas howply galyndylar alynsa, ony tassyklamak üçin ölçeg (2) ulanmak bilen barlag geçirilýär (gidrobiontlara zyýanly täsiriň bolmadyk ýagdaýynda, galyndydan suw çekdirmesini garmagyň esseligi (Kp).

28. Ölçeg (1) galyndylaryň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň howplulyk derejesi (K) we ölçegi ulanmagyň esasynda kesgitlenen galyndylaryň howplulyk toparynyň ululygy gabat gelmese, gidrobiontlara zyýanly täsiriň bolmadyk ýagdaýynda, galyndylardan suw çekdirmesini garmagyň esseligi (Kp) ölçeglere laýyklykda galyndydan suw çekdirmesini garmagyň esseliginiň (Kp) esasynda galyndylaryň howplulyk topary bellenilýär.

29. Şu Galyndylaryň ýaramaz täsiriniň ölçeg alamatlarynda ulanylýan söz gysgaltmalary “Gysgaltmalaryň sanawynda” (şu Galyndylaryň ýaramaz täsiriniň ölçeg alamatlaryna 7-nji goşundy) beýan edilýär.

30. Himiki maddalar bilen iş salşylýan edara-kärhanalarda gury kül-şlak galyndylary hasaplamak, galyndylaryň düzüm bölekleriniň howplulyk derejesiniň başlangyç görkezijilerini kesgitlemek şu Galyndylaryň ýaramaz täsiriniň ölçeg alamatlaryna 8-nji goşundysyna laýyklykda amala aşyrylýar.

31. Galyndylaryň düzüm bölekleriniň howpluluk derejesiniň otnositel görkezijisiniň hasaplanyşy (Xi) (şu Galyndylaryň ýaramaz täsiriniň ölçeg alamatlaryna 9-njy goşundy) galyndylaryň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň howplulyk derejesine degişli etmegiň ölçegleriniň görkezijilerine, jetweline laýyklykda amala aşyrylýar.

32. Galyndylaryň düzüm bölekleriniň howplulyk derejeleriniň görkezijileriniň (Ki) kesgitlenilişi (şu Galyndylaryň ýaramaz täsiriniň ölçeg alamatlaryna 10-njy goşundy) galyndynyň düzüm böleginiň konsentrasiýasynyň gatnaşygy we galyndynyň düzüm böleginiň howplulyk derejesiniň hasaplanan koeffisiýenti hökmünde hasaplanýar.

## IV bap. Jemleýji düzgünler

33. Şu Galyndylaryň ýaramaz täsiriniň ölçeg alamatlarynda bellenen kadalaryň bozulmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen jogapkärçilige eltýär.

34. Şu Galyndylaryň ýaramaz täsiriniň ölçeg alamatlarynyň kadalarynyň berjaý edilmegi bilen bagly ýüze çykýan jedeller Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde çözülýär.

35. Şu Galyndylaryň ýaramaz täsiriniň ölçeg alamatlary bilen kadalaşdyrylmadyk gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.

Galyndylaryň daşky gurşawa ýetirýän
ýaramaz täsiriniň derejesi kesgitlenilýän
ölçeg alamatlaryna (kriteriýalaryna)
1-nji goşundy

### Galyndylary daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň derejesine baglylykda howplulyk klaslaryna bölünmegi

| Galyndylaryň howplulyk derejeleri boýunça olaryň klaslary | Howply galyndylary daşky tebigy gurşaw üçin howply galyndylar toparyna degişli etmegiň ölçegleri | Howply galyndylaryň daşky tebigy gurşawa ýetirýän zyýanly täsiriniň derejesi |
|---|---|---|
| I klas - | Ekologiýa ulgamy düzedip bolmajak derejede | Örän ýokary |

| | | |
|---|---|---|
| adatdan daşary howply galyndylar | bozulan. Dikeldiş döwri ýok | |
| II klas - ýokary howply galyndylar | Ekologiýa ulgamy güýçli bozulan. Dikeldiş döwri zyýanly täsiriň çeşmesi doly aradan aýrylanyndan soň 30 ýyldan az bolmadyk döwür | Ýokary |
| III klas - aram howply galyndylar | Ekologiýa ulgamy bozulan. Dikeldiş döwri zyýanly täsiriň çeşmesi azaldylanyndan soň 10 ýyldan az bolmadyk döwür | Ortaça |
| IV klas - az howply galyndylar | Ekologiýa ulgamy bozulan. Dikeldiş döwri 3 ýyldan az bolmadyk döwür | Pes |
| V klas - howpsuz galyndylar | Ekologiýa ulgamy hakykat ýüzünde bozulmadyk | Örän pes |

Galyndylaryň daşky gurşawa ýetirýän
ýaramaz täsiriniň derejesi kesgitlenilýän
ölçeg alamatlaryna (kriteriýalaryna)
2-nji goşundy

## Galyndylaryň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň howplulyk derejesiniň ululyklary (K)

| Galyndylaryň howplulyk derejesi boýunça klasy | Galyndylaryň howplulyk derejesi (K) |
|---|---|
| I | $10^6$ >= K > $10^4$ |
| II | $10^4$ >= K > $10^3$ |
| III | $10^3$ >= K > $10^2$ |
| IV | $10^2$ >= K > 10 |
| V | K =< 10 |

Galyndylaryň daşky gurşawa ýetirýän
ýaramaz täsiriniň derejesi kesgitlenilýän
ölçeg alamatlaryna (kriteriýalaryna)
3-nji goşundy

## Utuklaryň (ballaryň) ululyklarynyň ($b_{inf}$) maglumat üpjünçiliginiň görkezijisiniň üýtgeýän araçägine baglylyk

| Galyndylaryň düzüm bölekleriniň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň howplulyk görkezijileriniň mukdary OC, N | Maglumat üpjünçiliginiň görkezijisi, n | Utukda (ballarda) beýan edilýän maglumat görkezijisi, I |
|---|---|---|
| ≤ 6 | <0,5 | 1 |
| 6-8 | 0,5-0,7 | 2 |
| 9-10 | 0,71-0,9 | 3 |
| ≥11 | >0,9 | 4 |

Galyndylaryň daşky gurşawa ýetirýän

ýaramaz täsiriniň derejesi kesgitlenilýän
ölçeg alamatlaryna (kriteriýalaryna)
4-nji goşundy

## Galyndylaryň düzüm bölekleriniň howplulyk derejesiniň başlangyç görkezijileri

| Galyndynyň düzüm böleginiň howplulyk derejesiniň başlangyç görkezijileri | Galyndynyň her bir düzüm bölegi boýunça galyndynyň düzüm böleginiň howplulyk derejesi | | | |
|---|---|---|---|---|
| ARBKt[1] (TRBK[2]), topragyň mg/kg | <1 | 1-10 | 10.1-100 | >100 |
| Toprakda howplulygyň topary | 1 | 2 | 3 | Kesgitlenmedik |
| ARBKs (TRBD, TTHD), mg/l | <0.01 | 0.01-0.1 | 0.11-1 | >1 |
| agyz suw we hojalyk-durmuş suw üpjünçiliginiň howplulyk topary | 1 | 2 | 3 | 4 |
| ARBKb.h. (TTHD), mg/l | <0.001 | 0.001-0.01 | 0.011-0.1 | >0.1 |
| Balyk hojalyk ähmiýetli suw desgalaryndaky howplulyk topary | 1 | 2 | 3 | 4 |
| ARBKo.g. (ARBKi.ý.g., TTHD),mg/m$^3$ | <0.01 | 0.01-0.1 | 0.11-1 | >1 |
| Atmosfera howasyna zyňylýan hapalaýjy maddalaryň howplulyk klasy | 1 | 2 | 3 | 4 |
| **ARBKtt (ARBD, ARBM), mg/kg** | **<0.01** | **0.01-1** | **1.1-10** | **>10** |
| Lg (S, mg/l/ARBKs, mg.l)[3] | >5 | 5-2 | 1.9-1 | <1 |
| Lg(Cdoý,mg/m$^3$/ARBKi.z.) | >5 | 5-2 | 1.9-1 | <1 |
| Lg (Cdoý, mg/m$^3$/ARBKo.g. ýa-da ARBKi.ý.g.) | >7 | 7-3.9 | 3.8-1.6 | <1.6 |
| lg Kos (oktanol/suw) | >4 | 4-2 | 1.9-0 | <0 |
| $LD_{50}$, mg/kg | <15 | 15-150 | 151-5000 | >5000 |
| $LC_{50}$, mg/m$^3$ | <500 | 500-5000 | 5001-50000 | >50000 |
| $LC_{50}^{suw}$, mg/l/96sag | <1 | 1-5 | 5.1-100 | >100 |
| BD= $KBZ_5$ / KHZ 100% | <0,1 | 0,01-1,0 | 1,01-10 | >10 |
| Persistentlik (daşky tebigy gurşawda transformasiýa) | Has köp zäherli, şol sanda täze aýratynlyklara eýe bolan önümleriň | Gaýry howplulyk ölçegleriniň aýdyň görünýän täsiri bolan | Zäherliligi başlangyç maddanyň zäherliligine ýakyn bolan önümleriň | Azrak zäherli önümleriň emele gelmegi |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | emele gelmegi | önümleriň emele gelmegi | emele gelmegi | |
| Bioakkumulýasiýa (azyk zynjyryndaky özüni alyp barşy) | Ähli bogunlarda aýdyň toplanyşy | Birnäçe bogunlarda aýdyň toplanyşy | Bogunlaryň birinde toplanyşy | Toplanmasyz |
| Utuk (bal) ($U_j$) | 1 | 2 | 3 | 4 |

**Bellik:** Galyndynyň zäherleýji düzüm böleginiň ARBK-niň bolmadyk ýagdaýlarynda ýaýyň içinde görkezilen ululygy ulanmaga rugsat berilýär.

[3] Eger S = , onda lg (S/ARBK) = we utuk (bal) 1-e deň, eger S = 0, onda lg (S/ARBK) = - we utuk (bal) 4-e deňdir.

Galyndylaryň daşky gurşawa ýetirýän
ýaramaz täsiriniň derejesi kesgitlenilýän
ölçeg alamatlaryna (kriteriýalaryna)
5-nji goşundy

## Galyndylaryň aýry-aýry düzüm bölekleri üçin (Wi) galyndynyň düzüm böleginiň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň howplulyk derejesiniň koeffisiýenti

| Galyndynyň düzüm böleginiň ady | Xi | Zi | lg Wi | Wi |
|---|---|---|---|---|
| Aldrin | 1,857 | 2,14 | 2,14 | 138 |
| Benz(a)piren | 1,6 | 1,8 | 1,778 | 59,97 |
| Benzol | 2,0 | 2,3333 | 2,3333 | 215,443 |
| Geksahlorbenzol | 2,166 | 2,55 | 2,55 | 354 |
| 2-4Dinitrofenol | 1,5 | 1,66 | 1,66 | 39,8 |
| Di(p)butilftalat | 2 | 2,33 | 2,33 | 215,44 |
| Dioksinler | 1,4 | 1,533 | 1,391 | 24,6 |
| Dihlorpropen | 2,2 | 2,66 | 2,66 | 398 |
| Dimetilftatat | 2,166 | 2,555 | 2,555 | 358,59 |
| Dihlorfenol | 1,5 | 1,66 | 1,66 | 39,8 |
| Dihlordifeniltrihloretan | 2 | 2,33 | 2,33 | 213,8 |
| Kadmiý | 2,3077 | 2,7435 | 2,7435 | 554,101 |
| Lindan | 2,25 | 2,66 | 2,66 | 463,4 |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Marganes | 3,1538 | 3,8717 | 3,8717 | 7443,805 |
| Mis | 2,7142 | 3,2857 | 3,2857 | 1930,7 |
| Myşýak | 1,8333 | 2,1111 | 2,1111 | 129,155 |
| Naftalin | 2,286 | 2,714 | 2,714 | 517,9 |
| Nikel | 2,5714 | 3,0952 | 3,0952 | 1245,2 |
| N-nitrozodifenilamin | 2,8 | 3,4 | 3,4 | 2511,88 |
| Pentahlorbifeniller | 1,6 | 1,8 | 1,778 | 59,98 |
| Pentahlorfenol | 1,66 | 1,88 | 1,88 | 75,85 |
| Simap | 1,42 | 1,5556 | 1,4285 | 26,827 |
| Stronsiý | 2,833 | 3,4444 | 3,4444 | 2782,557 |
| Gurşun | 2,4615 | 2,9487 | 2,9487 | 888,622 |
| Tetrahloretan | 2,4 | 2,866 | 2,866 | 735,6 |
| Toluol | 3,0 | 3,6667 | 3,6667 | 4641,592 |
| Trihlorbenzol | 2,33 | 2,77 | 2,77 | 598,4 |
| Fenol | 2,28 | 2,71 | 2,71 | 508,94 |
| Furanlar | 2,166 | 2,55 | 2,55 | 359 |
| Hloroform | 2 | 2,333 | 2,333 | 215,4 |
| Üç walentlilikli hrom | 2,92 | 3,56 | 3,56 | 3630,78 |
| Alty walentlilikli hrom | 2,33 | 2,77 | 2,77 | 593,38 |
| Sink | 2,9285 | 3,5714 | 3,5714 | 3727,589 |
| Etilbenzol | 2,6667 | 3,2222 | 3,2222 | 1668,104 |

Galyndylaryň daşky gurşawa ýetirýän
ýaramaz täsiriniň derejesi kesgitlenilýän
ölçeg alamatlaryna (kriteriýalaryna)
6-njy goşundy

## Galyndylardan suw çekdirmesini garmagyň esseliginiň ululyklary

| Galyndylaryň howplulyk topary | Galyndylardan suw çekdirmesini garmagyň esseligi (Kp)[1] |
|---|---|

| | |
|---|---|
| I | Kp > 10000 |
| II | 1000 < Kp ≤ 10000 |
| III | 100 < Kp ≤ 1000 |
| IV | 1 < Kp ≤ 100 |
| V | Kp = 1* |

**Bellik:** *V klas howply galyndylary kesgitlemek üçin garylmadyk suw çekdirmesiniň özi ulanylýar.

Galyndylaryň daşky gurşawa ýetirýän
ýaramaz täsiriniň derejesi kesgitlenilýän
ölçeg alamatlaryna (kriteriýalaryna)
7-nji goşundy

## Gysgaltmalaryň sanawy

| | |
|---|---|
| **ARBKt (mg/kg)** | maddanyň toprakdaky aňryçäk ýol berilýän mukdary |
| **TRBK** | takmynan ýol berilýän konsentrasiýa |
| **ARBKs (mg/l)** | agyz suw we hojalyk-durmuş suw üpjünçiligi maksatly suw desgalarynyň suwunda maddanyň aňryçäk ýol berilýän konsentrasiýasy |
| **TRBD** | takmynyn ýol berilýän dereje |
| **TTHD** | täsiriň takmynan howpsuz derejesi |
| **ARBKb.h. (mg/l)** | Balyk hojalyk ähmiýetli suw desgalarynyň suwunda maddanyň aňryçäk ýol berilýän konsentrasiýasy |
| **ARBKo.g.** | maddanyň aňryçäk ýol berilýän ortaça günlük konsentrasiýasy |
| **ARBKi.ý.g. (mg/m$^3$)** | ilatly ýerleriň hem-de ilatyň köpçülikleýin dynç alýan ýerleriniň atmosfera howasynda hapalaýjy maddalaryň takmynan howpsuz täsir ediş derejeleri |
| **ARBKi.z. (mg/m$^3$)** | maddanyň iş zolagynyň atmosfera howasyndaky aňryçäk rugsat berilýän konsentrasiýasy |
| **ARBM** | iň köp ýol berilýän möçberi |
| **ARBD** | iň ýokary ýol berilýän derejesi |
| **S (mg/l)** | galyndynyň düzüm böleginiň 20$^o$ ereýänligi |
| **$C_{doý}$ (mg/m$^3$)** | 20$^o$ we kadaly basyşda maddanyň atmosfera howasyndaky doýgun konsentrasiýasy |
| **Kos** | 20$^o$ oktanol/suw ulgamynda paýlanyşygyň koeffisiýenti |
| **$LD_{50}$ (mg/kg)** | bir nusga getirilen şertlerinde bir gezek agyzdan girizilende, synagasty haýwanlaryň 50%-niň ölmegine sebäp bolýan 1 kg janly agrama täsir edýän maddanyň düzüm böleginiň milligramlarynda düzüm böleginiň ortaça ölüm howply atymy |
| **$LD^{deri}$50 (mg/kg)** | bir nusga getirilen şertlerinde bir gezek derä çalnanda, synagasty haýwanlaryň 50%-niň ölmegine sebäp bolýan 1 kg janly agrama täsir edýän maddanyň düzüm böleginiň milligramlarynda düzüm böleginiň ortaça ölüm howply atymy |

| | |
|---|---|
| **$LC_{50}$ ($mg/m^3$)** | bir nusga getirilen şertlerinde ingalýasiýa ýoly bilen düşende, synagasty haýwanlaryň 50%-niň ölmegine sebäp bolýan maddanyň ortaça ölüm howply konsentrasiýasy |
| **BD** | biologik dissimilýasiýa |
| **KBZ** | kislorodyň biohimiki zerurlygy ýa-da nusgalygyň anyk inkubasiýa wagtynda organiki maddalaryň biohimiki okislenme proseslerinde ulanylan kislorodyň möçberi (nitrifikasiýa proseslerini hasaba almazdan), mg kislorod/mg madda (KBZ 5 - 5 günde) |
| **KHZ** | Standart usul bilen kesgitlenen kislorodyň himiki zerurlygy: harç edilýän okislendirijiniň mukdaryna deň bolan kislorodyň möçberi, kislorodyň mg/maddanyň mg |

**Bellik**: Eger synag usulyny ulanmak üçin degişli kuwwatlyklar ýok bolsa, onda diňe hasaplama usulyny ulanmak maslahat berilýär.

Galyndylaryň daşky gurşawa ýetirýän
ýaramaz täsiriniň derejesi kesgitlenilýän
ölçeg alamatlaryna (kriteriýalaryna)
8-nji goşundy

## Himiki maddalar bilen iş salşylýan edara-kärhanalarda gury kül-şlak galyndylary hasaplamak, galyndylaryň düzüm bölekleriniň howplulyk derejesiniň başlangyç görkezijilerini kesgitlemek

**1-nji mysal**

| Düzümi | Düzüm bölegi | Konsentrasiýa |
|---|---|---|
| **Jynsy emele getiriji** | $SiO_2$<br>$Al_2O_3$<br>MgO<br>$K_2O$ 1<br>$Na_2O$ | 63,6 %<br>18,6 %<br>2,1 %<br>1,1 %<br>1,1 % |
| | Angidrit ($CaSO_4$)<br>Demir oksidleri ($Fe_2O_3$)<br>Uglerod (C) | 2,2 %<br>0,9 %<br>10,9 % |
| **Mikroelementler** | Kadmiý (Cd)<br>Kobalt (Co)<br>Marganes (Mn)<br>Mis (Cu)<br>Myşýak (As)<br>Nikel (Ni)<br>Simap (Hg)<br>Gurşun (Pb)<br>Hrom (Cr)<br>Sink (Zn) | 1,5 mg/kg<br>1,5 mg/kg<br>430 mg/kg<br>64 mg/kg<br>51 mg/kg<br>57 mg/kg<br>0,2 mg/kg<br>13 mg/kg<br>100 mg/kg<br>49 mg/kg |

1. Galyndylaryň düzüminiň bölekleýin derňewini geçirmek:

Topraklaryň we kömür külüniň mineral böleginiň deňeşdirmesinden galyndynyň birinji bäş düzüm böleginiň mukdary boýunça topraklardaky degişli görkezijilerden artyk däldigi görünýär.

Şoňa laýyklykda, jynsy emele getiriji we howplulyk derejesiniň otnositel görkezijisi X=4 bolan daşky gurşaw üçin howpsuz düzüm böleklerine degişli etmek bolar. Galan düzüm bölekleri daşky gurşaw üçin belli bir howply bolup, olara degişlilikde hasaplama usulyny ulanmak bolar.

2. Hasaplama usulyny ulanyp boljak düzüm bölekleriniň ählisine degişlilikde maglumat beriş edebiýatyndan başlangyç howplulyk görkezijilerini tapyp, degişli jetwelleri düzmeli.

3. Howplulyk derejesiniň başlangyç görkezijileriniň ululyklaryna esaslanyp we “Galyndylaryň ýaramaz täsiriniň ölçeg alamatlarynyň” 2-nji jetweline laýyklykda, olara laýyk gelýän utuklary (ballary) goýmaly.

4. Galyndynyň her bir düzüm bölegi boýunça başlangyç görkezijileriniň jemi hökmünde maglumat üpjünçiliginiň görkezijisini, şol jemi boýunça hem - degişli baha kesgitleýär.

5. Galyndylaryň düzüm bölekleriniň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň howplulyk derejesiniň otnositel görkezijisi (X) kesgitlenilýär.

**Galyndylaryň düzüm bölekleriniň howplulyk derejeleriniň başlangyç görkezijileri**

| **№** | **Howplulyk derejeleriniň başlangyç görkezijileri** | **Angidrit ($CaSO_4$)** | | **Demir oksidleri ($Fe_2O_3$)** | | **Uglerod (C)** | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | **Görkeziji-leriň ululyklary** | **Baha** | **Görkezijileriň ululyklary** | **Baha** | **Görkeziji-leriň ululyklary** | **Baha** |
| 1 | ARBKt (TRBK) (mg/kg) | | | **>100** | **4** | **>100** | **4** |
| 2 | Toprakdaky howplulyk topary | | | | | | |
| 3 | ARBKs (TRBD, TTHD) (mg/l) | 500 | 4 | 0.3 | 3 | >20 | 4 |
| 4 | Agyz suw we hojalyk - durmuş suw üpjünçiliginiň howplulyk topary | 4 | 4 | 3 | 3 | | |
| 5 | ARBKb.h (TTHD), mg/l | 100 | 4 | 0.1 | 3 | | |
| 6 | Balyk hojalyk ähmiýetli suw desgalaryndaky howplulyk topary | | | 4 | 4 | | |
| 7 | ARBKo.g. | 0.3 | 3 | 0.04 | 2 | 0.15 | 3 |

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | (ARBKi.ý.g., TTHD) (mg/m$^3$) | | | | | | |
| 8 | Atmosfera howasyna zyňylýan hapalaýjy maddalaryň howplulyk klasy | | | 3 | 3 | 3 | 3 |
| 9 | ARBKtt (ARBD, ARBM), mg/kg | | | 15 | 4 | | |
| 10 | lg (S, mg/l / ARBKs, mg/l) | 0.61 | 4 | | | <≤1 | 4 |
| 11 | lg ($C_{doý}$, mg/m$^3$ /ARBKi.z.) | lg ($C_{doý}$, mg/m$^3$ /ARBKi.z. ýa-da ARBKi.ý.g.) | 4 | <1 | 4 | <≤1 | 4 |
| 12 | lg ($C_{doý}$, mg/m$^3$ /ARBKi.z. ýa-da ARBKi.ý.g.) | <1 | 4 | <1 | 4 | <≤1 | 4 |
| 13 | lg Kos (oktanol/suw) | | | | | | |
| 14 | LD50 (mg/kg) | 10000 | 4 | 10 000 | 4 | | |
| 15 | LC50 (mg/m$^3$) | | | | | Ýetmedi | 4 |
| 16 | L50 w (mg/l/96 sag) | | | | | | |
| 17 | BD= KBZ5 / KHZ ×100 % | | | | | | |
| 18 | Persistentlik: daşky gurşawda transformasiýa | | | | | | |
| 19 | Bioakkumulýasiýa: azyk zynjyryndaky özüni alyp barşy | | | | | | |
| 20 | Maglumat üpjünçiliginiň görkezijisi | n=8 | 2 | n=11 | 4 | n=8 | 2 |
| 21 | Düzüm böleginiň howplulyk derejesiniň otnositel görkezijisi | X=33/9 = 3,667 | | X = 40/12=3,3333 | | X = 32/9 = 3,556 | |

| **№** | **Howplulyk derejeleriniň başlangyç görkezijileri** | **Marganes (Mn)** | | **Mis (Cu)** | | **Sink (Zn)** | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | **Görkezijileriň ululyklary** | **Baha** | **Görkezijileriň ululyklary** | **Baha** | **Görkezijileriň ululyklary** | **Baha** |
| 1 | ARBKt (TRBK) (mg/kg) | 700 | 4 | 3 | 2 | 23 | 3 |
| 2 | Toprakdaky howplulyk topary | 3 | 3 | 2 | 2 | 1 | 1 |
| 3 | ARBKs (TRBD, TTHD) (mg/l) | 0.1 | 2 | 1.0 | 3 | 1.0 | 3 |
| 4 | Agyz suw we hojalyk-durmuş suw üpjünçiliginiň howplulyk | 3 | 3 | 3 | 3 | 3 | 3 |

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | topary | | | | | | |
| 5 | ARBKb.h (TTHD), mg/l | 0.01 | 2 | 0.001 | 2 | 0.01 | 2 |
| 6 | Balyk hojalyk ähmiýetli suw desgalaryndaky howplulyk topary | 4 | 4 | 3 | 3 | 3 | 3 |
| 7 | ARBKo.g. (ARBKi.ý.g., TTHD) ($mg/m^3$) | 0.01 | 2 | 0.002 | 1 | 0.05 | 2 |
| 8 | Atmosfera howasyna zyňylýan hapalaýjy maddalaryň howplulyk klasy | 2 | 2 | 2 | 2 | 3 | 2 |
| 9 | ARBKtt (ARBD, ARBM), mg/kg | | | 0.5 | 2 | 3.0 | 3≤≤ |
| 10 | lg (S, mg/l / ARBKs, mg/l) | <1 | 4 | <1 | 4 | <1 | 4 |
| 11 | lg ($C_{doý}$, $mg/m^3$ /ARBKi.z.) | <1 | 4 | <1 | 4 | <1 | 4 |
| 12 | lg ($C_{doý}$, $mg/m^3$ /ARBKi.z. ýa-da ARBKi.ý.g.) | <1 | 4 | <1 | 4 | <1 | 4 |
| 13 | lg Kos (oktanol/suw) | | | | | | |
| 14 | LD50 (mg/kg) | 450 | 3 | 140 | 2 | 47 | 2 |
| 15 | LC50 ($mg/m^3$) | | | | | | |
| 16 | L50 w (mg/l/96 sag) | | | | | | |
| 17 | BD= KBZ5 / KHZ ×100 % | | | | | | |
| 18 | Persistentlik: daşky gurşawda transformasiýa | | | | | | |
| 19 | Bioakkumulýasiýa: azyk zynjyryndaky özüni alyp barşy | | | | | | |
| 20 | Maglumat üpjünçiliginiň görkezijisi | n=12 | 4 | n=13 | 4 | n=13 | 4 |
| 21 | Düzüm böleginiň howplulyk derejesiniň otnositel görkezijisi | X=41/13 = 3,154 | | X = 38/14=2,714 | | X = 41/14 = 2,9285 | |

| **№** | **Howplulyk derejeleriniň başlangyç görkezijileri** | **Gurşun (Pb)** | | **Nikel (Ni)** | | **Kadmiý (Cd)** | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | **Görkezijileriň ululyklary** | **Baha** | **Görkezijileriň ululyklary** | **Baha** | **Görkezijileriň ululyklary** | **Baha** |
| 1 | ARBKt (TRBK) (mg/kg) | 32 | 3 | 4 | 2 | | |
| 2 | Toprakda howplulygyň topary | 1 | 1 | 2 | 2 | | |
| 3 | ARBKs (TRBD, TTHD) (mg/l) | 0.01 | 2 | 0.02 | 2 | 0.001 | 1 |
| 4 | Agyz suw we hojalyk-durmuş suw | 2 | 2 | 2 | 2 | 2 | 2 |

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | üpjünçiliginiň howplulyk topary | | | | | | |
| 5 | ARBKb.h (TTHD), mg/l | 0.006 | 2 | 0.01 | 2 | 0.005 | 2 |
| 6 | Balyk hojalyk ähmiýetli suw desgalaryndaky howplulyk topary | 2 | 2 | 3 | 3 | 2 | 2 |
| 7 | ARBKo.g. (ARBKi.ý.g., TTHD) (mg/$m^3$) | 0.0003 | 1 | 0.002 | 1 | 0.0003 | 1 |
| 8 | Atmosfera howasyna zyňylýan hapalaýjy maddalaryň howplulyk klasy | 1 | 1 | 2 | 2 | 1 | 1 |
| 9 | ARBKtt (ARBD, ARBM), mg/kg | 0.05 | 2 | 0.1 | 2 | 0.01 | 2 |
| 10 | lg (S, mg/l / ARBKs, mg/l) | <1 | 4 | <1 | 4 | <1 | 4 |
| 11 | lg ($C_{doý}$, mg/$m^3$ /ARBKi.z.) | <1 | 4 | <1 | 4 | <1 | 4 |
| 12 | lg ($C_{doý}$, mg/$m^3$ /ARBKi.z. ýa-da ARBKi.ý.g.) | <1 | 4 | <1 | 4 | <1 | 4 |
| 13 | lg Kos (oktanol/suw) | | | | | | |
| 14 | LD50 (mg/kg) | | | 150 | 2 | 72 | 2 |
| 15 | LC50 (mg/$m^3$) | | | | | | |
| 16 | L50 w (mg/l/96 sag) | | | | | | |
| 17 | BD= KBZ5 / KHZ ×100 % | | | | | | |
| 18 | Persistentlik: daşky gurşawda transformasiýa | | | | | | |
| 19 | Bioakkumulýasiýa: azyk zynjyryndaky özüni alyp barşy | | | | | | |
| 20 | Maglumat üpjünçiliginiň görkezijisi | n=12 | 4 | n=13 | 4 | n=12 | 4 |
| 21 | Düzüm böleginiň howplulyk derejesiniň otnositel görkezijisi | X=32/13 = 2,462 | | X=36/14=2,571 | | X = 30/13 = 2,3076 | |

| № | Howplulyk derejeleriniň başlangyç görkezijileri | Simap (Hg) | | V | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | **Görkezijileriň ululyklary** | **Baha** | **Görkezijileriň ululyklary** | **Baha** | **Görkezijileriň ululyklary** | **Baha** |
| 1 | ARBKt (TRBK) (mg/kg) | 2.1 | 2 | 150 | 4 | | |
| 2 | Toprakdaky howplulyk topary | 1 | 1 | 3 | 3 | | |
| 3 | ARBKs (TRBD, TTHD) (mg/l) | 0.0005 | 1 | 0.1 | 2 | | |
| 4 | Agyz suw we hojalyk-durmuş suw | 1 | 1 | 3 | 3 | | |

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | üpjünçiliginiň howplulyk topary | | | | | | |
| 5 | ARBKb.h (TTHD), mg/l | 0.00001 | 1 | 0.001 | 2 | | |
| 6 | Balyk hojalyk ähmiýetli suw desgalaryndaky howplulyk topary | 1 | 1 | 3 | 3 | | |
| 7 | ARBKo.g. (ARBKi.ý.g., TTHD) ($mg/m^3$) | 0.0003 | 1 | 0.1 | 2 | | |
| 8 | Atmosfera howasyna zyňylýan hapalaýjy maddalaryň howplulyk klasy | 1 | 1 | 3 | 3 | | |
| 9 | ARBKtt (ARBD, ARBM), mg/kg | 0.005 | 1 | | | | |
| 10 | lg (S, mg/l / ARBKs, mg/l) | | | <1 | 4 | | |
| 11 | lg ($C_{doý}$, $mg/m^3$ /ARBKi.z.) | 6.0 | 1 | <1 | 4 | | |
| 12 | lg ($C_{doý}$, $mg/m^3$ /ARBKi.z. ýa-da ARBKi.ý.g.) | 4.7 | 2 | <1 | 4 | | |
| 13 | lg Kos (oktanol/suw) | | | | | | |
| 14 | LD50 (mg/kg) | | | 23 | 2 | | |
| 15 | LC50 ($mg/m^3$) | | | | | | |
| 16 | L50 w (mg/l/96 sag) | | | | | | |
| 17 | BD= KBZ5 / KHZ ×100 % | | | | | | |
| 18 | Persistentlik: daşky gurşawda transformasiýa | | | | | | |
| 19 | Bioakkumulýasiýa: azyk zynjyryndaky özüni alyp barşy | | | | | | |
| 20 | Maglumat üpjünçiliginiň görkezijisi | n=11 | 4 | n=12 | 4 | | |
| 21 | Düzüm böleginiň howplulyk derejesiniň otnositel görkezijisi | X=17/12 = 1,42 | | X = 40/13=3,077 | | | |

6. Howplulyk derejesiniň kesgitlenen otnositel görkezijileri (X) boýunça şu Galyndylaryň ýaramaz täsiriniň ölçeg alamatlaryna laýyklykda, galyndynyň her bir düzüm bölegi üçin howplulyk derejesiniň koeffisiýentlerini (W) kesgitlemek.

| **№** | **Galyndylaryň düzüm bölekleri** | **Xi** | **Zi** | **lg Wi** | **Wi, mg/kg** |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Angidrit | 3.667 | 4.556 | 4.770 | 58880 |
| 2 | Demir oksidleri | 3.5 | 4.333 | 4.40 | 25120 |
| 3 | Uglerod | 3.556 | 4.408 | 4.511 | 32430 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 4 | Wanadiý | 3.077 | 3.769 | 3.769 | 5878 |
| 5 | Kadmiý | 2.3076 | 2.7435 | 2.7435 | 554.1 |
| 6 | Kobalt | 2.5 | 3.00 | 3.00 | 1000 |
| 7 | Marganes | 3.154 | 3.872 | 3.872 | 7443 |
| 8 | Simap | 1.42 | 1.556 | 1.4285 | 26.827 |
| 9 | Gurşun | 2.4615 | 2.9487 | 2.9487 | 888.622 |
| 10 | Mis | 2.7142 | 3.2857 | 3.2857 | 1930,7 |
| 11 | Myşýak | 2.5 | 3.00 | 3.00 | 1000 |
